# Hikmet Altynkaýnak

Category: Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hikmet Altynkaýnak

HIKMET ALTYNKAÝNAK

Hikmet Altynkaýnak, (doly ady: Ahmet Hikmet Altunkaýnak) türk ýazyjysy, tankytçy.

1945-nji ýylyň 18-nji fewralynda Nigdede doglan H.Altynkaýnak Stambul uniwersitetiniň edebiýat fakultetini tamamlady.
Ilkinji tankydy makalalary 1972-nji ýylda "Yeni Ortam" we 1975-nji ýylda "Cumhuriyet" gazetlerinde çap edildi.
1980-nji ýyllardan başlap "Milliyet" we "Hürriyet" gazetleriniň redaksiýasynda dürli wezipelerde 17 ýyllap işledi.
"Cumhuriyet", "Milliyet", "Radikal", "Hessen/Toplum" (Germaniýa) gazetlerinde we "Yansıma", "Varlık", "Eleştiri", "Yaşasın Edebiyat", "Hürriyet Gösteri" žurnallarynda makalalary çap edildi, kitaplary neşir edildi. Radio we telewizion gepleşikleri taýýarlamaga gatnaşdy.
2001-nji ýylda Ýyldyz tehniki uniwersitetinde rektoryň maslahatçysy we okuw işleri boýunça ygtyýarly wekili edilip bellendi. 2004-nji ýyldan soňra diňe "Häzirkizaman türk poeziýasy", "Biografiýa ýazuwy" we "Türk dili" dersleri boýunça okatdy. Ýazyjylyk we tankytçylyk işini-de dowam etdirdi.
H.Altynkaýnak Ýunus Nady adyndaky proza baýragyny, Ebubekir Hazym Tepeýran roman baýragyny bermek boýunça eminler toparynyň agzasydyr.
Ýazyjy H.Altynkaýnak edebiýat dünýäsine "1940-njy ýylyň nesli" ("1940 Kuşağı") atly kitaby bilen duýurdy. Oktaý Akbal, Kemal Sülker ýaly tanymal edebiýatçylar kitaba oňyn tankydy belliklerini etdiler.
H.Altynkaýnak "Milliyet Yayın A.Ş." şereketine degişli

"Yaşasın Edebiyat" žurnalynyñ ýolbaşçylygyny hem etdi. Žurnal ýaş höwesjeñ şahyrlar bilen halypa ýazyjy-şahyrlary bir ýere jemledi. Žurnalyñ redaksion kollegiýasynda Oktaý Akbal, Ataol Behramogly, Nüket Esen, Wedat Günýol, Dogan Hyzlan, Zülfü Liwaneli, Erdal Öz, Ýüksel Pazarkaýa, Ülkü Tamer, Buket Uzuner ýaly Türkiýäniñ iñ tanymal edebiýatçylary jemlendi. Emma žurnala eýeçilik edýän şereketiñ daşary ýurt metbugat serişdeleri bilen paýdaşlygy we ýeterlik girdejini alyp bilmänligi üçin žurnalyñ çykarylmagy bes edildi.
Hikmet Altynkaýnak "Türk edebiýatynda ýazyjylaryñ we şahyrlaryñ sözlügi" atly kitaby bilen türk edebiýatyna täze edebi sözlük peşgeş berdi. Kitap az wagtyñ içinde uly seslenme döretdi. Professor Tahsin Ýüjel, Ryza Zelýut, Öner Jirawogly, Oktaý Akbal, Ýüksel Pazarkaýa, Mehmet Aly Birand dagylar bu sözlügiñ ähmiýetiniñ uludygyny nygtap geçdiler.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly